TürkmenistanyňPrezidentiniň
2015-nji ýylyň 01-nji mayynda
çykaran 14226-njy kararybilen
tassyklandy

# Türkmenistanda iş üpjünçilik ulgamyny kämilleşdirmegiň hem-de täze iş orunlaryny döretmegiň 2015-2020-nji ýyllar üçin MAKSATNAMASY

## Giriş

Türkmenistanda iş üpjünçilik ulgamyny kämilleşdirmegiň hem-de täze iş orunlaryny döretmegiň 2015-2020-nji ýyllar üçin Maksatnamasy (mundan beýläk - Maksatnama) Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 9-njy ýanwarynda geçiren Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde beren tabşyryklaryna laýyklykda işlenip taýýarlandy.

Ilatyň iş bilen meşgul bolmagy ýurduň ykdysady we durmuş ösüşine özüniň düýpli täsirini ýetirýär, adamyň maddy üpjünçiliginiň kepili bolup durýar. Umuman, ykdysadyýetiň öndürijiligini ösdürmek we jemgyýetde jebisligi berkitmek ýaly has möhüm durmuş meseleleriniň çözgüdiniň girewi bolup durýar. Şoňa görä-de, Türkmenistanda zähmet gorlaryny netijeli dolandyrmak we zähmet bazarynyň meselelerini oňyn çözmek, raýatlaryň zähmet çekmäge bolan konstitusion hukuklarynyň göwnejaý amala aşyrylmagy üçin şertleri döretmek boýunça çärelere döwlet syýasatynda uly orun berilýär.

Türkmenistan 1993-nji ýylda Halkara Zähmet guramasynyň agzalygyna kabul edildi we bu Guramanyň esasy konwensiýalarynyň 8-sine goşuldy. Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde hem-de «Ilaty iş bilen üpjün etmek hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunynda Halkara Zähmet guramasynyň konwensiýalarynyň esasy düzgünleri göz öňünde tutulyp, olardan gelip çykýan wezipeler iş ýüzünde amala aşyrylýar. Dünýä tejribesinde bolşy ýaly, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgelerine laýyklykda döwlet iş üpjünçilik edaralary hökmünde sebitlerde zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi edaralary hereket edýärler. Iş gözleýänleri hasaba almak, iş berijileriň işçi güýjüne bolan islegini öwrenmek, iş gözleýänleriň işe ýerleşmegine ýardam bermek we zähmet bazarynyň mesleleri bilen bagly beýleki wezipeler bu edaralaryň esasy wezipeleri bolup durýar.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynda amala aşyrylýan düýpli özgertmeler bir tarapdan ilatyň iş bilen

meşgul bolmagynyň derejesiniň ösmegine mümkinçilik berýär. Beýleki tarapdan bolsa -zähmet gorlarynyň hilini we ykdysady işjeňligini ýokarlandyrmagyň meselelerini döwrebap düzgünleşdirmegiň çärelerini işläp taýýarlamagy talap edýär.

Maksatnamada ýurdumyzda durmuşa geçirilýän işjeň maýa goýum syýasaty bilen baglylykda täze iş orunlarynyň döredilmeginiň meýilleşdirilmegi hem-de iş bilen üpjünçilik çygrynda ýerine ýetirilmeli esasy ileri tutulýan çäreler göz öňünde tutuldy.

Maksatnama taýýarlananda «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2012-2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy», «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasy», şeýle hem kabul edilen beýleki milli maksatnamalar, pudaklary ösdürmegiň döwlet we pudaklaýyn maksatnamalary, welaýatlary durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň meýilnamalary we beýleki resminamalar peýdalanyldy. Olarda göz öňünde tutulan desgalar hem-de binalar boýunça degişli ministrlikler we pudak edaralary bilen deslapdan hasaplamalar geçirilip, täze dörediljek iş orunlarynyň sany çaklanyldy.

Maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi ilatyň iş bilen üpjünçiligi çygryndaky kanunçylyk binýadynyň kämilleşdirilmegine we halkara ölçeglerine laýyk getirilmegine, iş gözleýänleri, şol sanda döwletiň goldamagyna mätäç adamlary iş bilen üpjün etmegiň meseleleriniň çözülmeginiň oňaýly usullarynyň işlenip düzülmegine, zähmet bazaryndaky işçi güýjüne bolan islegiň we teklibiň deňagramlylygynyň saklanylmagyna, netijede bolsa, ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň derejesiniň ýokarlanmagyna ýardam eder.

## Türkmenistanda ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň häzirki ýagdaýy

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ykdysadyýetimiziň pudaklaryna gönükdirilýän düýpli maýa goýumlarynyň möçberi yzygiderli artýar. Maýa goýumlary, esasan, öňdebaryjy tehnologiýalar bilen üpjün edilen täze önümçilik kuwwatlyklaryny döretmäge, şeýle hem durmuş ulgamyny ösdürmäge gönükdirilýär. Jemi içerki önümiň düzüminde senagat pudagynyň paýy barha artýar. Biziň ýurdumyz innowasiýalara, ylmyň we tehnikanyň gazananlaryna esaslanýan, öndüriji güýçleri çalt ösýän döwlete öwrülýär.

Şunuň bilen birlikde, ýurdumyzy senagat taýdan ösdürmek, kiçi we orta telekeçiligi goldamak, oba hojalyk önümlerini öndürijiler üçin amatly şertleri döretmek boýunça döwlet çäreleri giň gerim bilen durmuşa geçirilýär. Bu geçirilýän işler bolsa, müňlerçe täze iş orunlarynyň döremegine we netijede ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň derejesiniň ýokarlanmagyna özüniň oňyn täsirini ýetirýär.

Ilatyň has işjeň bölegi - zähmet gorlarydyr. Türkmenistanyň zähmet gorlarynyň düzüminde zähmete ukyply ýaşdaky ilat agdyklyk edýär. Onuň paýy 98,5 göterime barabar bolup durýar.

Şeýle hem Türkmenistanda soňky ýyllarda zähmet gorlarynyň sanynyň ortaça 1,5-2,0 göterim ýokarlanmagy dowam edýär. Şunuň bilen birlikde, zähmet gorlarynyň, şol sanda ykdysadyýetiň pudaklarynda iş bilen meşgullanýanlaryň sanynyň artmagynyň dowam etmegine, ykdysadyýetiň döwlete dahylly böleginde iş bilen meşgullanýanlaryň tutýan paýynyň peselme we döwlete dahylsyz böleginde ýokarlanma derejesiniň saklanmagyna garaşylýar. Häzirki wagtda iş bilen meşgullanýan ilatyň 24,8 göterimi döwlet kärhanalarynda we edaralarynda, 75,2 göterimi bolsa, döwlete dahylsyz bölekde zähmet çekýär.

Ykdysadyýetiň pudaklary boýunça iş bilen meşgullanýan ilatyň bölünişinde iň köp paý oba hojalyk, senagat we gurluşyk pudaklaryna düşýär. Iş bilen meşgul ilatyň sebitler boýunça bölünişiginde bolsa iň uly paý Mary welaýatyna, soňra Daşoguz we Lebap welaýatlaryna degişlidir.

Türkmenistanda raýatlaryň zähmet çekmäge bolan konstitusion hukuklarynyň göwnejaý amala aşyrylmagy üçin şertleri döretmek boýunça çärelerdöwlet syýasatynda uly orny eýeleýär. Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi (mundan beýläk - Ministrlik) ýurtda zähmet gatnaşyklary, zähmete hak tölemek, iş bilen üpjünçilik, durmuş üpjünçiligi we ilaty durmuş taýdan goramak babatda döwlet syýasatyny amala aşyrýandöwlet dolandyryş edarasy bolup çykyş edýär. Ministrligiň garamagynda Aşgabat şäherinde we welaýatlarda, şeýle hem 71 sany, şol sanda 15 sany etrap hukukly şäherde we 56 sany etrapda zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi edaralary hereket edýär.

Bu edaralar tarapyndan iş gözläp ýüz tutýan raýatlar, olaryň ýaşy, jynsy, hünäri, öňki iş döwri, işden boşan wagty ýaly maglumatlary bilen hasaba alynýar hem-de olar ýörite pudaklaýyn statistiki hasabatlylyga laýyklykda her aýda edaralar, kärhanalar, guramalar, şeýle hem hususy telekeçiler tarapyndan berilýän boş iş orunlary we işgärlere bolan isleg baradaky maglumatlar bilen tanyşdyrylýar. Şeýle maglumatlar zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi edaralarynyň ýörite bildiriş tagtalarynda ýerleşdirilýär. Bulardan başga-da, her aýda welaýatlaryň we

Aşgabat şäheriniň ýerli gazetlerinde degişli maglumatlar bildiriş hökmünde yzygiderli çap edilýär, ýurdumyz boýunça jemlenen görnüşi bolsa Ministrligiň internet sahypasynda ýerleşdirilýär. Şonuň ýaly-da, Aşgabat şäherinde, welaýat merkezlerinde we iri şäherlerde boş iş orunlarynyň ilata hödürleniş çäreleri dabaraly ýagdaýda geçirilýär.

Ýurdumyzda alnyp barylýan maksatnamalaýyn özgertmeler soňky ýyllarda ortaça her ýylda ykdysadyýetiň döwlete dahylly böleginde 20 müňe golaý iş orunlarynyň döremegine mümkinçilik berdi. Bu ýagdaý hususy bölekde has işjeň alnyp baryldy. 2014-nji ýylyň dowamynda işe girizilen iri önümçilik we durmuş maksatly binalar we desgalar boýunça 23 müňden gowrak täze iş orny peýda boldy. Zähmet gorlarynyň oňyn ösüşe, şeýle hem ýurdumyzyň ykdysadyýetine goýulýan düýpli maýa goýumlarynyň ýokary işjeňlik häsiýete eýe bolmagy täze iş orunlarynyň emele gelmegine, iş bilen meşgullanýan ilatyň sanynyň ýokarlanmagyna getirdi. Ykdysadyýetiň pudaklarynda iş bilen meşgullanýan ilatyň sany 2007-nji ýyla görä 20 göterime çenli artdy.

Şunuň bilen baglylykda, zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi edaralary tarapyndan bellige alnan iş gözleýänleriň işe ýerleşenleriniň paýy hem ýylsaýyn ýokarlanýar.

Ýurduň ykdysady we durmuş ösüşiniň ýagdaýyna baha berlende uly ähmiýet berilýän görkezijileriň biri hem işsizligiň derejesiniň görkezijisidir. Halkara Zähmet guramasynyň usulyýetine laýyklykda, bu görkeziji 2013-nji ýylda 4,7 göterime deň boldy we ol halkara derejesinde bilermenler tarapyndan öňe sürülýän bu görkezijiniň adaty ýa-da ýol bererlik hasaplanýan derejesiniň çägindedir.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2012-2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» laýyklykda, ýurdumyzyň raýatlarynyň zähmet hukuklaryny goramaga, hünär taýýarlygyna laýyk gelýän iş bilen üpjünçilik mümkinçiliklerini giňeltmäge gönükdirilen çäreleriň durmuşa geçirilmegi dowam edýär. Zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek, zähmete mynasyp hak tölemek, iş bilen üpjünçilik boýunça döwlet gulluklarynyň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen, kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek boýunça işler geçirilýär. Şonuň ýaly-da, bu Maksatnamada gurulmagy we durky täzelenmegi göz öňünde tutulan desgalaryň gurluşyk işleri giň gerim bilen alnyp barylýar.

Häzirki döwürde «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasyny» amala aşyrmagyň çäklerinde durmuş-medeni maksatly hem-de

inženerçilik-üpjünçilik ulgamynyň desgalarynyň ýüzlerçesiniň gurluşygy alnyp barylýar. Bu diňe bir iş orunlarynyň sanynyň artdyrylmagyny däl-de, eýsem sebitleriň durmuş ösüşini hem üpjün eder.

Şeýle hem her welaýatda nusgalyk häzirki zaman şäherçelerini gurmak hakynda degişli kararlar kabul edildi. Täze obalarda we şäherçelerde multimedia enjamlary bilen üpjün edilen mekdepler we çagalar baglary, döwrebap saglyk öýleri we medeniýet öýleri gurulýar. Bu ilatly ýerlerde häzirki zaman söwda ulgamy, aragatnaşyk desgalary we medeni-durmuş maksatly beýleki desgalar toplumy hem bina edilýär.

Amala aşyrylýan bu işler bolsa, ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen syýasatyň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini aýdyň görkezýär.

## Ykdysadyýetiň pudaklarynyň ösüş aýratynlyklary we iş bilen üpjün etmegiň mümkinçilikleri

### Nebitgaz toplumy

Türkmenistan dünýäde nebitiň we tebigy gazyň ägirt uly gorlaryna eýe bolan döwlet hökmünde tanalýar. Şoňa görä-de, nebitgaz pudagyny yzygiderli ösdürmäge aýratyn üns berilýär. Bu pudakda 100 müňe golaý adam zähmet çekip, ol ýurduň döwlete dahylly böleginde işleýänleriň 15 göterimini tutýar. Häzirki döwürde «Galkynyş» hem-de Merkezi Garagum (Derweze) gaz känlerini özleşdirmek boýunça giň gerimli işler dowam etdirilýär. Ýurdumyzda çykarylýan tebigy gazyň möçberlerini ýylda 30 milliard kub metre çenli ýetirmek boýunça alnyp barylýan işleri öz wagtynda tamamlamak, 2016-njy ýyla çenli «Gündogar - Günbatar» gaz geçirijisiniň gurluşygyny amala aşyrmak göz öňünde tutulýar.

2016-njy ýylda «Türkmenistan-Hytaý» gaz geçirijisiniň dördünji (D) şahasynyň gurluşygyny tamamlamak, 2017-nji ýylda «Türkmenistan-Owganystan-Pakistan-Hindistan» halkara gaz geçirijisiniň gurluşygyna başlamak hem-de Hazarüsti gaz geçirijisiniň taslamasy boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmek meýilleşdirilýär.

Şunuň bilen bir hatarda, tebigy gazy senagat taýdan gaýtadan işlemek boýunça hem işler dowam etdiriler. Owadandepede tebigy gazdan benzin öndürýän zawod, Gyýanlyda polietilen we polipropilen öndürýän gazhimiýa toplumy gurlup, ulanmaga berler. Şeýle hem gazy ýygnaýjy, gazy gysyjy desgalaryň birnäçesi, uzynlygy ýüzlerçe kilometrlere uzalyp gitjek gaz geçirijiler gurlar.

Bulardan başga-da, ýurdumyzyň günbatar welaýatyndaky nebit ýataklaryny özleşdirmek, guýulary abatlamak we olaryň önüm berijiligini ýokarlandyrmak, olarda beýleki senagat üpjünçilik ulgamlarynyň düzümlerini gurmak, nebiti ilkinji derejede gaýtadan işleýän goşmaça desgalary gurmak, şol sanda dizel ýangyjyny wodorod arkaly arassalaýan 2-nji desgany gurmak işleri dowam etdiriler.

Şular bilen baglanyşykly ýurdumyzyň nebitgaz toplumynda çig mal binýadyny, ulag we gaýtadan işleýän önümçilik ulgamlaryny ösdürmegiň, uly geljegi bolan täze onlarça nebitli gatlaklaryň işe girizilmeginiň we nebitiň çykarylyşynyň möçberiniň artdyrylmagynyň, geljekde sintetiki önümleri öndürýän zawodlaryň hem-de gaz çykarmagyň möçberini artdyrmagyň, täze känleri özleşdirmegiň we häzirki hereket edýän känleriň durkuny täzelemek bilen önümçiligi giňeltmegiň hasabyna 15,6 müňe golaý täze iş ornunyň döredilmegine garaşylýar.

## Senagat toplumy

Häzirki döwürde senagat toplumynyň edaralarynda we kärhanalarynda 55 müňden gowrak adam zähmet çekip, ol ýurdumyzyň ykdysadyýetiniňdöwlete dahylly böleginde işleýänleriň 8 göterimden gowragyna deňdir. Bu pudakda işleýän işgärleriň sany boýunça iň uly paý dokma kärhanalaryna degişli bolup, olarda toplumyň işgärleriniň ýarysyndan gowragy zähmet çekýär.

Türkmenistan himiýa senagaty üçin zerur bolan çig mallaryň gorlary boýunça dünýäde öňdäki orunlaryň birini eýeleýär. Şunuň bilen baglylykda, himiýa senagaty ýurdumyzy ösdürmegiň strategiki ugurlarynyň biri hasaplanylýar. Himiýa senagaty pudagynda geljek ýyllarda karbamid öndürýän zawodyň, kaustik sodasyny, hlory öndürýän zawodlaryň gurulmagy, ýod önümçiliginiň giňeldilmegi meýilleşdirilýär. Häzirki wagtda Lebap welaýatynyň Köýtendag etrabyndaky Garlyk ýatagyny özleşdirmek we kaliý dökünlerini öndürýän dag-magdan baýlaşdyryjy toplumyň gurluşyk işleri hem-de Balkan welaýatynyň Garabogaz şäherinde karbamid öndürýän zawody gurmak boýunça işler alnyp barylýar.

Şeýle hem Ahal welaýatynyň Derweze etrabynda aýna we aýna önümlerini öndürýän kärhanany, gidroizolýasiýa materialy bolan izogany we folgaizoly öndürýän zawody, Balkan welaýatynda bazalt inçe süýüminden kompozit materiallary öndürýän kärhanany, sement zawodyny gurmak göz öňünde tutulýar.

Dokma senagatyny ösdürmegiň hasabyna dünýä bazarlarynda isleg bildirilýän harytlary öndürýän hususy we bilelikdäki zawod-fabrikleri işe girizmek göz öňünde tutulýar. Pudakda hereket edip gelýän önümçilik kuwwatlyklarynyň durkuny täzelemek we döwrebaplasdyrmak, olaryň önüm

berijiligini ýokarlandyrmak, önümleriň täze görnüşleriniň önümçiligini girizmek boýunça işler dowam etdiriler. Şunuň ýaly hem, halynyň we haly önümleriniň önümçiligini giňeltmek we döwrebaplasdyrmak, ýüňi gaýtadan işlemegi ösdürmek boýunça işler alnyp barlar.

Ýurdumyzyň balyk senagaty hem ýokary depginler bilen ösdüriler. Sebitlerde balyk ýetişdirýän hem-de howdan hojalyklarynyň, balygy gaýtadan işleýän zawodlaryň birnäçesi işe giriziler. Bu pudagyň ösmegine ýurdumyzyň hususy telekeçileri hem işjeň gatnaşar. Olar tarapyndan Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrabynda Hazar deňziniň kenarynda bekre balygyny we onuň işbilini ösdürip ýetişdirýän hem-de balygy gaýtadan işleýän kärhana gurlup, ulanmaga berler.

Balygyň agramly bölegini çeşmesi bolan Hazar deňzinde balyk senagaty üçin Türkmenistanyň Prezidentiniň 2012-nji ýylyň 20-nji dekabrynda çykaran 12707-nji karary esasynda, Türkmenistanyň Döwlet balyk hojalygy komitetine Hazar deňzinde balygy awlamak üçin iki sany balyk tutujy-doňduryjy gämi hem-de bir sany köpmaksatly ýöriteleşdirilen balyk tutujy-ulag gämisi satyn alyndy we 2014-nji ýylyň dekabr aýynda «Balkanbalyk»döwlet kärhanasynyň gämi duralgasyna getirildi. Bu bolsa balyk senagatyny ösdürmäge uly itergi berer we şunuň bilen ugurdaş ençeme iş orunlarynyň döremegini üpjün eder.

Şeýle çäreleriň durmuşa geçirilmeginiň netijesinde, ýurdumyzyň senagat pudagynda jemi 10,3 müňden gowrak täze iş ornuny döretmek göz öňünde tutulýar.

## Oba hojalyk toplumy

Häzirki wagtda oba hojalyk toplumynyň edaralarynda we kärhanalarynda möwsümleýin işleýänler we kärendeçiler hasaba alynmanda 65 müňe golaý adam zähmet çekýär. Şeýle hem daýhan birleşiklerinde oba hojalyk önümlerini öndürmek bilen meşgullanýan kärendeçileriň 600 müňden gowragy agza bolup durýar.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň beýleki pudaklarynda bolşy ýaly, oba hojalygynda hem giň gerimli özgertmeler amala aşyrylýar. Oba hojalyk önümçiligine häzirki zaman ylmynyň gazananlaryny ornaşdyrmak, kuwwatly tehnikalaryň sanyny artdyrmak bilen, önüm öndürijiligi ýokarlandyrmak boýunça işler giň gerim bilen alnyp barylýar. Döwletimiz tarapyndan oba hojalyk ekinlerinden bol hasyl ösdürip ýetişdirmek üçin daýhanlarymyza ähli şertler döredilýär. Daýhan birleşikleri ýokary hilli tohum, dökünleriň dürli görnüşleri, häzirki zaman oba hojalyk tehnikalary, suw we beýleki zerur serişdeler bilen doly üpjün edilýär.

2014-nji ýylda daýhanlar döwletimiz tarapyndan berilýän goldawdan peýdalanyp, Watan harmanyna 1 million 200 müň tonnadan gowrak guşgursak ak bugdaýy tabşyrmagy başardylar. Bu bolsa, Türkmenistany diňe bir nah ýüplügini we ondan öndürilýän önümleri eksport edýän ýurt däl-de, eýsem azyklyk dänäni hem eksport edýän ýurtlaryň hataryna goşmaga mümkinçilik berýär. Ýurdumyzyň däneçilik pudagynyň ýene-de bir ugry - bu şaly ýetişdirmekdir. Bu ugur ýurdumyzda azyk bolçulygyny üpjün etmäge özüniň möhüm goşandyny goşýar. 2014-nji ýylda şalynyň arassa agramda 20 müň tonnadan gowragy öndürildi.

Türkmenistanyň ösýän dokma pudagynyň çig mal çeşmesi bolan pagtaçylyk we ýüpekçilik hem oba hojalyk pudagynyň ýöriteleşdirilen esasy ugurlarynyň biridir. 2014-nji ýylda daýhanlarymyz 1 million 100 müň tonna golaý «ak altyny» - pagtany, 1,6 müň tonnadan gowrak piläni öndürdiler. Mälim bolşy ýaly, dünýäde iň oňat matalaryň Merwde, Nusaýda dokalandygy barada taryhy maglumatlarda beýan edilýär. Türkmen topragy ýüpek matalary, ýüpek halylary bilen hem dünýäde meşhurlyk gazanypdyr. Türkmen halkynyň şeýle senedini mundan beýläk-de rowaçlandyrmak üçin pagtaçylygy we ýüpekçiligi ösdürmek öňde goýlan maksatlaryň biridir.

Geljek ýyllarda oba hojalygyny ählitaraplaýyn ösdürmäge, pudagyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmäge, ony ýokary öndürijilikli tehnikalar we döwrebap enjamlar bilen üpjün etmäge uly üns berler. Esasan hem, ekerançylygy suwlylandyrmagyň tygşytly we netijeli usullaryny ornaşdyrmagyň, suwarymly ekerançylygy özleşdirmegiň üstünde işler alnyp barlar. Şunuň bilen baglanyşykly, täze suw hojalyk desgalaryny we suw howdanlaryny gurmak işi dowam etdiriler. «Altyn asyr» Türkmen kölüniň, beýleki gidrotehniki we meliorativ desgalaryň gurluşygy giň gerim bilen alnyp barlar.

Ýurdumyzda geljekde diňe pagta we galla öndürmek bilen çäklenmän, gök we bakja önümlerini, dürli miweleri, şeýle hem beýleki oba hojalyk önümlerini öndürmegiň möçberlerini artdyrmak, olaryň käbirlerini bolsa eksport etmegi gazanmak ugrunda uly işler durmuşa geçirilýär. Oba hojalyk önümlerini, şol sanda maldarçylyk önümlerini öndürmekde we gaýtadan işlemekde hususy telekeçileriň mümkinçilikleri has giňden peýdalanylýar. Oba hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän kiçi we orta kärhanalaryň işe girizilmeginiň hasabyna goşmaça iş orunlaryny döretmek göz öňünde tutulýar.

Şunuň bilen baglylykda, geljek ýyllarda miwe we gök önümleri gaýtadan işleýän kärhanalaryň, pagtany, şonuň ýaly hem tohumlyk pagtany gaýtadan işleýän pagta assalaýjy kärhanalaryň, maldarçylyk we guşçulyk toplumlarynyň,

ýyladyşhanalaryň, çörek we çörek önümlerini öndürýän kärhanalaryň, şalyny gaýtadan işleýän kärhanalaryň, elewatorlaryň onlarçasy gurlup, ulanmaga berler.

Göz öňünde tutulan çäreleriň durmuşa geçirilmeginiň netijesinde, agrosenagat pudagynda 11,2 müňe golaý iş ornunyň döredilmegine garaşylýar.

## Gurluşyk we energetika toplumy

Ýurdumyzyň ykdysady ösüşinde esasy orunlaryň biri gurluşyk we energetika pudaklaryna degişlidir. Bu pudaklaryň döwlete degişli edaralarynda we kärhanalarynda 70 müňe golaý adam zähmet çekýär. Ykdysadyýetiň hususy bölegini hasaba alanyňda bolsa, diňe gurluşyk kärhanalarynda 250 müňe golaý adam zähmet çekýär.

Häzirki döwürde ykdysadyýetiň ýokary maýa goýum işjeňligi gurluşyk pudagynyň güýçli depginler bilen ösmegine ýardam berýär. Gurluşyk-gurnama işleriniň we hususy gurluşyk kompaniýalary tarapyndan amala aşyrylýan beýleki işleriň möçberleri ýokary depginler bilen artýar. Obalarymyzy ösdürmek, ilatymyzyň ýaşaýyş jaýlary bilen üpjünçiliginiň derejesini ýokarlandyrmak babatda alnyp barylýan işleriň çäklerinde raýatlarymyz üçin ýaşaýyş jaýlaryny gurdurmaga uly ýeňillikler döredildi. Ýer bölekleriniň bölünip berilmegi, uzakmöhletli ýeňillikli karzlaryň berilmeginiň ýola goýulmagy geljek ýyllarda bu ugurda işleriň giň gerime eýe boljakdygyna şaýatlyk edýär.

Gurluşyk pudagynda hususy bölegiň paýy has artar. Çünki, ýurdumuzda hususy telekeçiligi ösdürmek boýunça alnyp barylýan döwlet syýasaty telekeçiler üçin giň mümkinçilikleri we şertleri döredýär. Milli hususy gurluşyk kärhanalarynyň ençemesi soňky ýyllarda daşary ýurtlaryň abraýly gurluşyk kompaniýalary bilen doly derejede bäsleşmäge ukyply bolup, möhüm desgalaryň gurluşyklaryny üstünlikli ýerine ýetirip gelýärler. Paýtagtymyzy ösdürmegiň nobatdaky 13-nji tapgyrynda göz öňünde tutulan desgalaryň we binalaryň doly türkmen gurluşykçylaryna ynanylmagy hem munuň aýdyň şaýadydyr. Hususy gurluşyk kärhanalary «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasyny» durmuşa geçirmekde hem uly işleri alyp barýarlar.

Energetika pudagy barada aýdylanda, häzirki wagtda biziň ýurdumyzda energetika howpsuzlygy doly üpjün edilendir we onuň mümkinçiliklerini has-da ýokarlandyrmak boýunça işler alnyp barylýar.

2014-nji ýylyň dowamynda Lebap welaýatynyň Serdarabat etrabynda, Mary şäheriniň Saparmyrat Türkmenbaşy şäherçesinde gaz turbinaly kiçi elektrik

beketleriniň, Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynda gaz turbinaly elektrik bekediniň gurlup, ulanmaga berilmegi energetika pudagynda işleriň ýokary depginler bilen alnyp barylýandygyna şaýatlyk edýär.

Türkmen elektrik energiýasynyň daşary ýurtlara iberilişini ýylyň-ýylyna artdyrmak, ony dünýäniň beýleki halklaryna hem elýeterli etmek, iberilýän ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak Türkmenistanyň alyp barýan energetika syýasatynyň özenini düzýär.

Şoňa görä-de, Eýran Yslam Respublikasyna, Owganystan Yslam Respublikasyna iberilýän elektrik energiýasynyň möçberini ýokarlandyrmagyň, ýagny Balkanabat - Aliabat (Eýran Yslam Respublikasy) hem-de Mary - Maşat (Eýran Yslam Respublikasy) geçirijilerini gurmagyň hem-de ýurdumyzda öndürilýän elektrik energiýasynyň bir bölegini beýleki döwletlere ibermegiň meseleleriniň üstünde işler alnyp barylýar. Şunuň bilen baglylykda, elektrik energiýasynyň eksportynyň möçberini her ýylda artdyrmak meýilleşdirilýär.

Elektrik energetikasynda öndüriji kuwwatlyklary döwrebaplasdyrmak, olary tehniki taýdan täzelemek, esasy we paýlaýjy ulgamlaryny uzak möhletleýin geljekde has-da ösdürmek kesgitlenen ileri tutulýan ugurlar bolup durýar. Şeýlelik bilen, geljek ýakyn ýyllarda ýurdumyzyň energetika kuwwatlyklarynyň ätiýaçlyk möçberi ep-esli artyp, onuň eksport mümkinçilikleri hem ýokarlanar. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda ýene-de gaz turbinaly elektrik beketleriniň onlarçasy gurlup, ulanmaga berler, ýurdumyzyň çäginde we onuň daşyna ençeme elektrik geçiriji ulgamlary çekiler.

Ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna esasy täsir edýän ulgamlaryň ýene-de biri jemagat hojalygy ulgamydyr. Bu ulgamyň öňünde ilaty arassa agyz suwy bilen üpjün etmek, arassaçylygy we durmuş rahatlygyny gazanmak, durmuş galyndylaryny zyýansyzlandyrmak we gaýtadan işlemek ýaly möhüm wezipeler durýar. Soňky ýyllarda ilatly ýerleriň abadanlaşdyrylyş derejesini, ýaşaýyş jaý we jemagat hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga, energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalary ornaşdyrmaga gönükdirilen çäreler ýaşaýyş jaý-jemagat ulgamyny ösdürmegiň esasy ugurlary bolup durýar. Ýurdumyzyň ýaşaýyş jaý-jemagat ulgamynda meseleleri çözmäge toplumlaýyn we maksatnamalaýyn çemeleşilýär. «Türkmenistanyň ilatly ýerlerini arassa agyz suwy bilen üpjün etmek boýunça Baş maksatnamanyň» kabul edilmegi muňa aýdyň mysaldyr. Şonuň ýaly hem, bu ýagdaý «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasynda» hem öz beýanyny tapdy.

Bu pudagyň desgalarynyň hatarynda Aşgabat şäherinde Ukrainanyň «Interbudmontaž» kompaniýasy tarapyndan gurulýan iri desgany - inžener kommunikasion ötügi ähmiýetli desga hökmünde görkezmek bolar. Häzirki wagtda paýtagtymyzyň demirgazyk böleginde ötügi gurmak boýunça zeýkeş aragatnaşyk işleri dowam etdirilýär, şäher lagym we zeýkeş ulgamlaryny transformator bekedine birikdirmek, gije-gündizde kuwwaty 300 müň kub metr bolan lagym arassalaýjy desgalary, suw geçirijileri hem-de ýagyş suwlaryny toplaýjy ulgamlary gurmak boýunça işleriň uly bölegi ýerine ýetirildi.

Sanalan çärelerden çen tutsaň, geljek ýyllarda bu ulgamda köp sanly agyz suwy, lagym arassalaýjy hem-de beýleki desgalaryň gurluşygy amala aşyrylar. Şu aýdylanlary göz öňünde tutup, toplumda amala aşyrylýan şeýle çäreleriň netijesinde 3,8 müňden gowrak täze iş ornunyň döredilmegine garaşylýar.

## Ulag we aragatnaşyk toplumy

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe geosyýasy geçiriş taýdan amatly ýerleşýän döwletimizde senagat pudagyny ösdürmegiň möhüm şerti hökmünde ýurdumyzyň ulag-üstaşyr geçiriş mümkinçiliklerini giňeltmegiň uly ähmiýeti bardyr. Şu maksatlardan ugur alyp, ýurdumyzda deňiz, howa, demir ýol we awtomobil gatnawlaryny öz içine alýan «Gündogar-Günbatar» we «Demirgazyk-Günorta» ulag geçelgeleriniň häzirki zaman ulgamy döredilýär.

Soňky ýyllarda demir ýol pudagyny ösdürmegiň çäklerinde bu pudaga uly möçberde maýa goýumlary goýuldy. Lokomotiwleriň we dürli kysymdaky wagonlaryň parky dolulygyna diýen ýaly häzirki zaman lokomotiwleri we wagonlary bilen çalşyryldy. Demir ýoluň birnäçe täze şahalary, şol sanda «Gazagystan-Türkmenistan-Eýran» transmilli demir ýoly gurlup, ulanmaga berildi. Bu demir ýoluň ugrunda onlarça täze beketler peýda boldy, durmuş-medeni maksatly binalaryň hem-de desgalaryň gurluşyklary alnyp barylýar. Şunuň bilen baglylykda, demir ýoluň boýunda ýene-de köp sanly senagat we senagat üpjünçilik ulgamlarynyň desgalary peýda bolar.

Şonuň ýaly hem, awtomobil ýollarynyň gurluşygy uly depginler bilen alnyp barylýar. Uzynlygy 564 kilometr bolan halkara derejeli «Aşgabat-Türkmenbaşy» ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň gurluşygyna girişildi.

Şeýle hem «Türkmenabat-Farap» demir ýol we awtomobil köprüleriniň, Aşgabat we Türkmenabat şäherlerindäki howa menzilleriniň, Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň toplumlaýyn gurluşygy hem giň gerim bilen alnyp barylýar. Bu desgalaryň ulanmaga berilmegi Ýewraziýa giňişliginde özara bähbitli

sebit we halkara söwda-ykdysady gatnaşyklaryny işjeň alyp barmak üçin uly mümkinçilikleri döreder.

Howa ulaglary hem geçen ýyllarda uly ösüşe eýe boldy. Howa gämileri parkyny täzelemek boýunça işler dowam etdirilýär. Türkmenbaşy şäherinde täze halkara howa menzili, Mary şäherinde howa menzili gurlup, ulanmaga berildi. Aşgabadyň halkara howa menziliniň gurluşygy alnyp barylýar we geljek ýyllarda Lebap welaýatynyň Atamyrat etrabynda hem-de Gazojak şäherinde, Balkan welaýatynyň Garabogaz şäherinde howa menziliniň durkuny täzelemek meýilleşdirilýär.

Ýurdumyzda ösen maglumat-telearagatnaşyk ulgamynyň bolmagy milli ykdysadyýeti, jemgyýetiň işewürlik işjeňligini we ruhy-aň taýdan ösdürmegiň möhüm şertleriniň biri bolup durýar. Döwlet dolandyryş edaralarynda maglumatlary alyşmak ulgamynyň ornaşdyrylmagy, interaktiw tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan, doly kompýuterleşdirilen täze bilim edaralarynyň ulanmaga berilmegi aragatnaşyk pudagyny ösdürmegiň tapawutly aýratynlygy boldy. Soňky ýyllarda telefon aragatnaşygy, şol sanda öýjükli telefon ulgamy uly ösüşe eýe boldy, internet ulgamyna birikdirilenleriň sany ýüzlerçe esse artdy.

2015-nji ýylda Türkmenistan öz milli emeli hemrasyny alem giňişligine çykardy. Şunuň bilen baglylykda, 2014-nji ýylda Ahal welaýatynyň Derweze etrabynda hem-de Daşoguz welaýatynyň S.A.Nyýazow adyndaky etrabynda Türkmenistanyň milli emeli hemrasynyň ýerdäki dolandyryş ulgamlary açylyp, ulanmaga berildi.

Milli emeli hemramyzyň alem giňişligine çykarylmagy hemmetaraplaýyn ösýän ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda döwrebap aragatnaşyk we dolandyryş ulgamyny döretmekde möhüm ädim bolar. Aragatnaşyk hyzmatlary elýeterli bolmadyk ilatly ýerlerde bu hyzmatlar talaba laýyk ýola goýlar. Hemra aragatnaşygynyň ýola goýulmagy milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiya ýoly bilen ösdürmäge ýardam berer, amaly ylymlar bilen bagly täze taslamalary durmuşa geçirmäge mümkinçilik döreder. Bulardan başga-da, hemra aragatnaşygy ýurdumyzda alem giňişligini öwrenmek bilen bagly alnyp barylýan işleri kämilleşdirmäge, netijede bolsa, Bitarap döwletimiziň halkara abraýynyň ýokarlandyrylmagyna ýardam berer.

Beýan edilenler bilen baglylykda, durmuşa geçiriljek çäreler bu pudakda 4,1 müňe golaý iş ornunyň döredilmegine şert döreder.

## Söwda we hyzmatlar toplumy

Türkmenistanda söwda ulgamynda iri taslamalaryň durmuşa geçirilmegi dowam etdirilýär. 2011-nji ýylda paýgtagtymyzyň demirgazygynda Merkezi Aziýada iri merkezleşdirilen söwda toplumy bolan «Altyn asyr» gündogar bazary, şeýle hem 2014-nji ýylda Balkanabat, Mary, Türkmenabat we Daşoguz şäherlerinde häzirki zaman bazarlary açylyp, ulanmaga berildi. Aşgabat şäherinde ýurdumyzyň hususy telekeçileri tarapyndan «KIA-Hyundai» awtoulag söwda-hyzmat merkezi, «Garaşsyzlygyň 15 ýyllygy» söwda merkezi, uly göwrümli «Berkarar» söwda we dynç alyş merkezi açylyp, ulanmaga berildi.

Bu toplumy ösdürmekde Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň, onuň agzalarynyň hem-de beýleki hususyýetçileriň alyp barýan işleri uly ähmiýete eýe bolar. Ýurdumyzyň hususy telekeçileri tarapyndan ýakyn ýyllarda söwda-senagat zolaklarynyň, söwda we hyzmatlar merkezleriniň, azyk önümlerini, ýagny konditer önümlerini, et we süýt önümlerini, bakja önümlerini we miwe suwlaryny, alkogolsyz içgileri öndürýän kärhanalaryň onlarçasy, gurluşyk harytlaryny öndürýän kärhanalaryň ençemesi, mebel öndürýän toplum we beýleki köp sanly önümçilik merkezleri gurlup, işe giriziler.

Ýurdumyzda söwda ulgamynda halkara derejesinde kämilleşen düzgün alyjy bilen satyjynyň arasyndaky gatnaşyklar awtomatlasdyrylar ýa-dasöwda kartlarynyň üsti bilen amala aşyrylar, söwda nokatlarynyň sany artar, olaryň bar bolanlarynyň durky täzelener.

Bilşimiz ýaly, ýurdumyzda söwdany ösdürmek üçin uly mümkinçilikler bar. Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy bilen amala aşyrylýan iri halkara taslamalary - «Gazagystan-Türkmenistan-Eýran» demir ýoly, deňiz söwda floty we halkara deňiz porty üçin satyn alynjak dürli görnüşli gämiler we kuwwatly tehnikalar söwda-ykdysady gatnaşyklaryň halkara derejesinde ösjekdigine şaýatlyk edýär.

Söwdada we ykdysady gatnaşyklarda hem-de halkara hyzmatdaşlygynda sergilere uly orun degişlidir. Türkmenistanyň işjeň sergi işi halkara hyzmatdaşlygynyň möhüm ugry bolmak bilen, geçirilýän halkara sergileri we maslahatlary milli ykdysadyýetimiziň kuwwatynyň artmagyna ýardam edýär. Daşary ýurtlar bilen dürli ugurlar boýunça hyzmatdaşlygy giňeltmek, innowasion tehnologiýalary öwrenmek üçin amatly şertleri döredýär. Dürlidöwletler bilen söwda-ykdysady we ylmy-tehniki gatnaşyklary ýola goýmaga ýardam edýär. Bu ulgamda ýurtda ägirt uly işler geçirilýär, döwrebap sergi merkezleri, maslahat köşkleri gurulýar. Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň edara binasyny hem öz içine alýan Kongresler merkeziniň, 3000 orunlyk teatr we konsertler merkeziniň

gurluşygynyň tamamlanyp, ulanmaga berilmegi ýurdumyzda sergi işiniň gerimini mundan beýläk-de ýokarlandyrmaga mümkinçilik berer.

Türkmenistan Halkara sergiler edarasynyň agzasy bolmak bilen, dürli derejelerde geçirilýän «EKSPO» sergilerine hem işjeň gatnaşýar. Şeýle giň gerimli çärelere gatnaşmak halkara bileleşigine Bitarap Türkmenistanyň gazanýan üstünliklerini giňden görkezmek we şunuň bilen birlikde, dürli ulgamlarda dünýäniň öňdebaryjy tejribesi bilen tanyşmak, şeýle hem daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen özara bähbitli gatnaşyklary, şol sanda ykdysadyýet, ylym, bilim, saglygy goraýyş, syýahatçylyk we beýleki ulgamlarda gatnaşyklary giňeltmek üçin ajaýyp mümkinçilikleri açýar.

Söwdada eksport-import amallaryny döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek baradaky baş edaranyň wezipesini ýurduň möhüm ykdysady instituty - Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasy ýerine ýetirýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzda öndürilýän önümler birža söwdasynda dünýäniň 40 sany döwletine, şol sanda Türkiýe Respublikasyna, Hytaý Halk Respublikasyna, Russiýa Federasiýasyna, Birleşen Arap Emirliklerine, Eýran Yslam Respublikasyna, Germaniýa Federatiw Respublikasyna, Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna, Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen Patyşalygyna, Ukraina, Şweýsariýa Konfederasiýasyna we beýleki ýurtlara eksport edilýär. Eksportuň esasy harytlary nebit önümleri, pagta-süýüm, dokma, himiýa senagatynyň önümleri we beýlekiler bolup durýar.

Döwrüň talaplaryny we Türkmenistanyň Hökümetiniň ykdysady syýasatyny nazara almak bilen, Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň kanunçylyk namalary we iş düzgünleri hemişe kämilleşdirilýär.

Üýtgeýän islegi, sebit we ählumumy maksatlary nazara almak bilen, Türkmenistanyň çeýe eksport syýasatyny döretmek üçin daşary ýurt bazarlarynyň isleglerine ulgamlaýyn seljermäni geçirmek, ýurdumyzyň içerki sarp ediş bazarlarynda harytlaryň nyrhlaryny öwrenmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy esasynda Türkmenistanyň Milli önümleriniň haryt dolanyşygyny öwreniş instituty döredildi. Bu Institut hemsöwda ulgamynyň netijeli ösmegine özüniň oňyn täsirini ýetirer.

Söwda we hyzmatlar toplumynyň ähli birliklerinde geljek ýyllarda ösüşiň täze sepgitlerine ýetmek esasy maksat hökmünde kesgitlenýär. Soňky ýyllara mahsus bolşy ýaly, döredilýän täze iş orunlarynyň esasy böleginiň şu topluma degişli bolmagynyň dowam etmegine garaşylýar hem-de 2015-2020-nji ýyllar aralygynda 29,4 müňden gowrak täze iş ornunyň şu toplumyň hasabyna döredilmegi göz öňünde tutulýar.

## Durmuş we medeniýet ulgamlary

Bilim, ylym, saglygy goraýyş, şypahana edaralarynyň işini ösen halkara talaplaryna laýyk getirmek üçin netijeli işleri durmuşa geçirmek dowam etdirilýär. Şunuň bilen birlikde, şeýle edaralaryň sanyny köpeltmek giň gerim bilen alnyp barylýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2014-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda Türkmenabat şäherinde bolup geçen Ýaşulularyň maslahatynda eden çykyşynda belläp geçişi ýaly, adam hakyndaky alada döwletsyýasatynyň ileri tutulýan ugry bolan biziň kuwwatly Watanymyzda hemmetaraplaýyn ösen, ruhy taýdan kämil, berk bedenli, giň dünýägaraýyşly, halkara derejesindäki bilimli nesli terbiýeläp ýetişdirmek möhüm wezipelerin biri bolup durýar. Şu maksatlardan ugur alyp, ýurdumyzda häzirki zaman enjamlary, multimedia we interaktiw tehnologiýalary bilen üpjün edilen mekdepleriň we çagalar baglarynyň gurluşygy giň gerim bilen dowam etdirilýär. Häzirki döwürde ýurdumyzda 2900-dan gowrak döwrebap bilim-terbiýeçilik edarasy işleýär.

2014-2015-nji okuw ýylynyň başlanmagy mynasybetli 1-nji sentýabra gabatlap, häzirki döwrüň ösen talaplaryna laýyk gelýän, multimedia enjamlary bilen üpjün edilen 57 sany mekdep we 20 sany çagalar bagy açylyp, ulanmaga berildi.

2013-nji ýylda ýurdumyzda 131 sany başlangyç hünär okuw mekdebi hereket edip, olarda şol ýylda 118,7 müň adam hünär aldy. Bu san 2007-nji ýyl bilen deňeşdirilende 1,8 esse köpdür. Şunuň ýaly hem orta hünär okuw mekdepleriniň 37 sanysy hereket edip, olarda 2013-nji ýylda 3,6 müň adam hünär aldy. Şeýle mekdepleriň 2007-nji ýylda 18 sany bolandygyny hasaba alsak, onda olaryň sanynyň 2 esseden gowrak artandygyna göz ýetirýäris. Orta hünär okuw mekdeplerini tamamlanlaryň sany 2007-nji ýyl bilen deňeşdirilende 2,2 esse artdy. Mundan başga-da, 24 sany ýokary hünär okuw mekdebi hereket edip, olaryň hem sanynyň we hünärmenleri taýýarlamak mümkünçilikleriniň ýokarlanýandygyny bellemek gerek. Mysal üçin, 2014-nji ýyldan Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň işe başlandygyny, geljek ýyllarda jemagat hojalygy pudagynyň işgärlerini taýýarlaýan ýokary okuw mekdebiniň, Ylymlar akademiýasynyň garamagynda innowasion ugurlar boýunça bilim berjek inžener-tehnologik uniwersitetiň, şeýle hem mugallymlary taýýarlaýan ýene-de bir ýokary okuw mekdebiniň açylmagynyň meýilleşdirilýändigini belläp geçmek bolar.

Häzirki döwürde dünýäniň ösen döwletleri ylmyň täze ugurlary bolan nanotehnologiýalara, biotehnologiýalara hem-de maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalaryna esaslanýan täze ylmy-tehniki binýady döredýärler. Ýurdumyzda

bu ugurda hem zerur işleriň alnyp barylýandygyny, täze tehnologiýalar bilen meşgullanjak ylmy edaralaryň döredilýändigini hem belläp geçmek ýerliklidir. 2014-nji ýylda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Tehnologiýalar merkeziniň açylmagyny bu ugurda alnyp barylýan işleriň hatarynda görkezmek bolar. Bu Merkez ýurdumyzda ylma esaslanýan çözgütleri kabul etmäge, ylmyň gazananlaryny bir ulgama birleşdirmäge hem-de önümçilige giňden ornaşdyrmaga ýardam berer.

Ilatyň saglygyny goramak we berkitmek barada aýdylanda, bu ulgamda geçirilýän özgertmeleriň ähmiýeti örän ýokarydyr. Adamlaryň aňynda sagdyn durmuş ýörelgeleriniň mäkäm orun almagyny, lukmançylyk hyzmatlarynyň elýeterli we hil taýdan ýokary bolmagyny üpjün etmek özgertmeleriň esasy wezipeleridir.

2015-nji ýylda «Saglyk» döwlet maksatnamasynyň kabul edilenine 20 ýyl dolýar. Maksatnama laýyklykda ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynyň düýpli döwrebaplaşdyrylandygyny hem-de lukmançylyk babatdaky hyzmatlaryň geriminiň we hiliniň ýokarlanandygyny belläp geçmek gerek.

Bu günki gün halkara ölçeglerine laýyk gelýän, gurlup ulanylmaga berlen we gurulýan şypahana ulgamynyň, saglyk merkezleriniň hem-de saglyk öýleriniň sany barmak basyp sanardan köpdür. 2014-nji ýylda hem şeýle desgalaryň onlarçasy gurlup, ulanmaga berildi.

Olara mysal edip, Aşgabat şäherinde Zyýansyzlandyryjy erginleri öndürýän kärhanany, Minerallaşdyrylan bejeriş suwy kärhanasyny, Kardiologiýa ylmy-kliniki merkezli hassahananyň täze binalaryny, Balkan welaýatynda Ýod önümçilik kärhanasyny, Bejeriş palçyklaryny we deňiz duzuny gaplaýan kärhanany, Daşoguz welaýatynda Zyýansyzlandyrylan sargy serişdelerini öndürýän kärhanany, Gurbansoltan eje adyndaky etrabynda ýerleşýän «Daşoguz» şypahanasynyň täze binalaryny, şeýle hem Aşgabat şäherinde we welaýatlarda häzirki zaman «Gaýragoýulmasyz tiz kömek» merkezlerini hem-de Saglygy goraýyş awtoulaglar kärhanalaryny görkezip bolar. Bu bolsa, özgertmeleriň giň gerimde, ýokary netijeler bilen durmuşa geçirilýändigine şaýatlyk edýär.

«Saglyk» döwlet maksatnamasynyň nobatdaky tapgyrynyň täze görnüşde, häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän hil taýdan täze derejede durmuşa geçirilmegi dowam etdiriler. Munuň özi Türkmenistanyň ilatynyň saglygynyň degişli derejede goralmagyny üpjün eder.

Bedenterbiýäni we sporty ösdürmek hem döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryň birine öwrüldi. Bu ugurda döwlet ýokary sport sepgitleriniň gazanylmagy üçin şertleriň döredilmegini, goldanylmagyny we meseleleriň

çözülmegini üpjün edýär. Çünki, milletiň saglygyny gorap saklamak, ony pugtalandyrmak, adamlaryň zähmete ukybynyň ýokary bolmagyny üpjün etmek, ilkinji nobatda, bedenterbiýäni we sporty ösdürmek arkaly gazanylýar.

Şonuň üçin hem, bu ugurda ýetilen sepgitler we başy başlanan işler, şol sanda 2017-nji ýylda paýtagtymyzda Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň geçiriljekdigi ýurdumyzda her bir raýatyň saglygyny berkitmäge uly üns berilýändigini görkezýär. Häzirki wagtda Aşgabat şäherinde özüne 30-a golaý desgany birleşdirýän Olimpiýa şäherjiginiň gurluşygy güýçli depginler bilen alnyp barylýar.

Bu ýerde 2014-nji ýylyň jemleri boýunça türgenlerimiziň 151 sany halkara sport ýaryşyna, şol sanda sportuň dürli görnüşleri boýunça dünýä çempionatlarynyň 24-sine we Aziýa çempionatlarynyň 23-sine (Aziýa oýunlaryny hasaba almak bilen) gatnaşandyklaryny hem-de jemi 393 medala mynasyp bolandyklaryny, bu bolsa öňki ýyldakydan 111 medalyň köpdügini belläp geçmek zerur.

2014-nji ýylyň 19-24-nji noýabrynda guşakly göreş we türkmen milli göreşi boýunça dünýä çempionaty üstünlikli geçirildi. Guşakly göreş we türkmen milli göreşi boýunça dünýä çempionatynyň jemleri boýunça ýurdumyzyň türgenleri üstünlikli çykyş edip, jemi 45 medal gazandylar.

Gadymy döwürlerden bäri Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşmek bilen, eziz Diýarymyz gözelligi we özboluşly aýratynlygy, ajaýyp ösümlik we haýwanat dünýäsi bilen syýahatçylaryň hem-de jahankeşdeleriň ünsüni özüne çekip, olarda uly gyzyklanma döredipdir.

Türkmen topragy halkymyzyň gadymy medeniýetiniň maddy subutnamalary bolan taryhy-medeni ýadygärliklere örän baýdyr. Gadymy Merwiň, Köneürgenjiň, Nusaýyň, Jeýtunyň, Abywerdiň we beýleki şäherleriň, galalaryň binagärlik ýadygärlikleri dünýä medeniýetiniň ýadygärlikleridir. Türkmenistan tebigy zolaklara hem baýdyr. Ägirt uly Garagum çöli, Hazar deňziniň dury gök suwy, Köpetdagyň dag gerişleri, Sumbaryň subtropik jülgeleri, Köýtendagyň gowaklary, Arçmanyň, Mollagaranyň we Köwatanyň şypaly suwlary hem-de çeşmeleri munuň aýdyň mysallarydyr. Soňky ýyllarda döredilen Köpetdag, Repetek, Bathyz, Sünt-Hasardag, Hazar we beýleki tebigy goraghanalar hem syýahatçylarda uly gyzyklanma döredýär.

Sanalan ýadygärlikleriň birnäçesi, ýagny gadymy Merwiň, Köneürgenjiň we Nusaýyň ýadygärlikleri Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO-nyň) Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizildi.

Geljek ýyllarda ýurdumyzyň syýahatçylyk ulgamynda Türkmenistanyň baý taryhy, däp-dessury, Beýik Ýüpek ýolunyň ýurdumyzyň çäklerinden geçen bölegi bilen tanyşdyrjak syýahatçylyk edaralary özleriniň işini has-da ýaýbaňlandyrar. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy sebitde iri syýahatçylyk we dynç alyş merkezine öwrüler.

Amala aşyrylýan çäreler durmuş we medeniýet toplumynyň edaralary boýunça meýilleşdirilýän döwürde 20,1 müňden gowrak iş ornunyň döremegine mümkinçilik berer.

## Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň ösüş aýratynlyklary we iş bilen üpjün etmegiň mümkinçilikleri

### Ahal welaýaty

Ahal welaýaty ýurdumyzda ýokary depginli ykdysady ösüşi gazanmakda möhüm ähmiýetli sebitleriň hataryna girýär. Welaýatyň ykdysady ösüşiniň depginleri we ugurlary diňe bir welaýat möçberinde däl-de, eýsem Türkmenistanyň paýtagty Aşgabat şäheriniň hem durmuş-ykdysady ýagdaýyna hem düýpli täsirini ýetirýär.

Ahal welaýatyna ýurdumyzyň zähmet gorlarynyň 11 göterimden gowragy düşýär. Ykdysady böleginde iş bilen meşgullanýanlaryň esasy bölegi, ýagny 53 göterimden gowragy oba hojalygyna degişli bolup durýar.

Welaýatyň ykdysadyýeti senagat-agrar häsiýetlidir. Sebitde öndürilýän jemi önümde iň uly paý senagata degişli bolup durýar. Senagatyň gazy, elektrik energiýasyny, himiýa önümlerini, gurluşyk materiallaryny, dokma, azyk önümlerini öndürýän pudaklary bardyr.

Ahal welaýatynyň häzirki döwürde ösüşi gaz çykaryjy pudagyň ýokary derejesi bilen kesgitlenýär. Bu bolsa sebitiň günorta-gündogar bölegindäki iri gaz ýataklarynyň bolmagy bilen baglydyr. Welaýatyň gaz çykaryjy pudagy daşky bazary tebigy gaz bilen iri üpjün ediji bolup durýar. Muňa 2010-njy ýylyň ýanwarynda welaýatda ikinji ugur boýunça uzynlygy 30,5 km «Döwletabat-Sarahs-Hangeran» (Eýran Yslam Respublikasy) halkara gaz geçirijisiniň işe girizilmegi aýdyň mysaldyr. Bu gaz geçirijiniň taslama kuwwaty ýylda 12,5 milliard kub metr «mawy ýangyjy» ibermäge niýetlenendir.

Geljek ýyllarda Ahal welaýatynda iri we beýleki senagat we hyzmat ediş kärhanalary, şol sanda elektrik stansiýalary we beketleri, Merkezi Garagum käninde suwuklandyrylan gazy öndürýän desga, suwuklandyrylan gazy saklaýan hem-de demir we awtomobil ýollarynyň üsti bilen iberýän nokatlar, gysyjy kompressor bekedi, kän hojalyklary, maldarçylyk toplumlary, ulag üpjünçilik

ulgamynyň desgalary we beýleki orta we kiçi kärhanalar dörediler. «Altyn asyr» Türkmen kölüniň şor akabalarynyň gurluşygy dowam etdiriler. Tohumlyk pagtany gaýtadan işleýän pagta arassalaýjy kärhana gurlar.

Welaýatyň senagat taýdan ösmegine hususy telekeçiler hem saldamly goşant goşarlar. Telekeçiler tarapyndan täze senagat zolaklary dörediler we şol zolaklarda köp dürli önümçilikler ýola goýlar, maldarçylyk toplumlary, mebel öndürýän toplum gurlup, ulanmaga berler.

Şeýle çäreleriň netijesinde bolsa, welaýat boýunça 2015-2020-nji ýyllarda 22,1 müňe golaý täze iş ornunyň döremegine garaşylýar.

## Balkan welaýaty

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzyň Balkan welaýatynyň öndüriji güýçlerini ösdürmek babatynda alyp barýan öňdengörüjilikli syýasatynyň netijesinde, sebitiň ykdysadyýeti ýokary depginler bilen ösýär. Ösen üpjünçilik ulgamy pudaklarynyň döredilmegi bilen, täze «ykdysady ösüş nokatlary» döreýär. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň güýçli depginler bilen özleşdirilmegi, «Demirgazyk-Günorta» demir ýol geçelgesiniň gurulmagy, «Altyn asyr» Türkmen kölüniň I nobatynyň gurluşygynyň tamamlanmagy, awtomobil ýollarynyň we estakadalaryň gurulmagy, Türkmenbaşy howa menzili toplumynyň ulanmaga berilmegi, Türkmenbaşy halkara deňiz portunyň durkunyň täzelenmegi boýunça işleriň alnyp barylmagy, täze tankerleriň satyn alynmagy, Hazar deňziniň kenar ýalpaklarynda nebitgaz ýataklarynyň özleşdirilmegi, senagat kärhanalarynyň gurulmagy bu sebitiň ykdysadyýetini täze belentliklere götermekde möhüm ähmiýete eýe bolýar.

Welaýatda ýurduň umumy zähmet gorlarynyň 8 göterimi bardyr. Welaýatyň ilatynyň esasy böleginiň şäherlerde ýaşaýandygy sebitiň ykdysadyýetinde senagat önümçiliginiň agdyklyk etmegi bilen baglydyr. Balkan welaýaty boýunça jemi önüminiň 2/3 bölegi senagatyň paýyna düşýär. Ykdysadyýetde işleýänleriň düzüminde senagatyň tutýan paýy 20,8 göterime deňdir.

Balkan welaýatynda ýakyn geljek ýyllarda Garabogaz şäherinde ýyllyk kuwwaty 1 155 müň tonna barabar bolan karbamid zawodynyň gurluşygy dowam etdiriler. Bu zawodyň işe girizilmegi bilen, (2018-nji ýyl) 950-ä golaý täze iş orny döräp, mineral dökünleriň eksporta ugradylmagynyň birnäçe esse ýokarlanmagyna mümkinçilik dörär. 2020-nji ýyla çenli döwürde daşary ýurtlara satylmaga niýetlenen ýod-brom önümleriniň möçberlerini artdyrmak boýunça işleri mundan beýläk hem dowam etdirmek meýilleşdirilýär. Şeýle hem 2016-2018-nji ýyllarda Balkan welaýatynyň «Balkanabat» ýod zawodynyň Uzboý meýdançasynda 15 müň

tonna kaustik sodasyny we 13 müň tonna hlory öndürýän zawodyň gurulmagy göz öňünde tutulýar. Bu zawodyň işe girizilmegi bilen, Türkmenistanyň içerki bazary agzalan harytlar bilen doly üpjün ediler.

Mundan başga-da, welaýatda nebiti gaýtadan işlemegiň we onuň bilen ugurdaş önümçilikleriň gerimi giňeler. Hazar deňziniň Türkmenbaşy kenarynda onlarça desgalary özüne birikdirjek ösen deňiz portunyň toplumlaýyn gurluşygy ýokary depginler bilen dowam etdiriler, «Gazagystan-Türkmenistan-Eýran» halkara demir ýolunyň gurluşygynyň tamamlanmagy bilen baglylykda, onuň ugry boýunça ýene-de birnäçe demir ýol desgalary, önümçilik-durmuş düzümleri işe giriziler. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda myhmanhanalaryň, dynç alyş we sagaldyş merkezleriniň birnäçesi gurlup, ulanmaga berler.

Şeýle işleriň netijesinde, welaýat boýunça 2015-2020-nji ýyllaryň dowamynda 24,3 müňe golaý iş ornunyň döremegine garaşylýar.

### Daşoguz welaýaty

Ýurdumyzda üstünlikli amala aşyrylýan sebit syýasaty welaýatlar üçin deň ösüş şertlerini döredýär. Bu syýasat ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda ilat üçin ýokary hilli durmuş derejesini üpjün etmekden ybaratdyr. Şonuň üçin hem, Hormatly Prezidentimiziň sebit syýasatynda ilatyň zähmet üpjünçiligini ýokarlandyrmak we ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak meseleleri ileri tutulýan ugurlaryň hatarynda goýulýar. Şoňa görä-de, ýurdumyzyň ähli welaýatlarynyň, şol sanda Daşoguz welaýatynyň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini ýokarlandyrmagyň möhüm ugry hökmünde welaýatyň senagat we oba hojalyk pudaklaryny ýokary netijeli, köpugurly we ösen tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan, sebit we dünýä bazarlarynda bäsdeşlige ukyply önümçilikleri guramak we ösdürmek wezipelerini görkezmek bolar.

Daşoguz welaýaty ilatynyň, şol sanda zähmet gorlarynyň sany boýunça ýurdumyzda Mary welaýatyndan soň ikinji orny eýeleýär we ýurdumyzyň umumy zähmet gorlarynyň 21 göterimini özünde jemleýär. Daşoguz welaýatynda oba hojalygy has-da ösendir. Welaýatda oba hojalyk önümleriniň ýurdumyz boýunça öndürilýän umumy möçberiniň 24 göterimi, şol sanda bugdaýyň 19,3 göterimi, pagtanyň 18,3 göterimi, gök ekinleriň 19,2 göterimi, azyklyk bakjanyň 28,3 göterimi, kartoşkanyň 28 göterimi, miweleriň we ir-iýmişleriň 35,4 göterimi, üzümiň 6,6 göterimi öndürilýär.

Welaýatyň maldarçylygynda iri şahly maldarçylyk has-da ösendir. Bu sebitde ýurdumyzyň gara mallarynyň 41,8 göterimi, şol sanda sygyrlaryň 40 göterimi jemlenendir. Welaýatyň paýyna dowarlaryň baş sanynyň 16,6 göterimi, düýeleriň

11,8 göterimi, gylýallaryň 33,5 göterimi, guşlaryň 23,3 göterimi düşýär. Daşoguz welaýatynda ýurdumyzda öndürilýän etiň (diri agramda) umumy möçberiniň 19,6 göterimi, süýdüň 39,5 göterimi, ýumurtganyň 20,6 göterimi öndürilýär. Welaýatda maldarçylygy mundan beýläk hem ösdürmek ileri tutulýan wezipeleriň biridir.

Ýurdumyzy durmuş taýdan ösdürmegiň ýene-de bir esasy ugry syýahatçylyk ulgamyny ösdürmek babatda özgertmeleri dowam etdirmek bolup durýar. Daşoguz welaýaty gadymy taryhy ýadygärliklere baý bolan sebitleriň biridir. Köneürgenç şäheriniň çäklerinde ÝUNESKO-nyň Bütindünýä sanawynda hasaba alnan Nejmeddin Kubranyň gubury, Gadymy şäher bolan Ürgenjiň (Köneürgenjiň) gadymy ýadygärlikler toplumy, Görogly etrabynda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä sanawynda hasaba alnan «Yzmykşir» galasy, Ruhubelent etrabynda ýerleşýän aşyklaryň we bagşylaryň piri hasaplanylýan «Aşyk Aýdyň pir» ýadygärligi, Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynda ýerleşýän «Ybraýym Edhem» medeni gymmatly gadymy ýadygärlikler, şeýle-de dini we medeni taýdan möhüm bolan beýleki birnäçe ýadygärlikler ýerleşýär.

Beýan edilenler bilen baglylykda, welaýatda oba hojalyk önümlerini, şol sanda şalyny, eti, süýdi gaýtadan işleýän zawodlaryň ençemesi, agyz suwuny arassalaýjy desgalar, pagta egriji fabrikler, elewatorlar, awtomobil ýollary we desgalary, durmuş we medeni maksatly desgalar, şol sanda syýahatçylygyň hyzmat nokatlary gurlup, ulanmaga berler. Daşoguz şäheriniň howa menziliniň uçuş we gonuş zolagy uzaldylyp, täze abzallar bilen enjamlaşdyrylar.

Şeýle işleriň durmuşa geçirilmegi bilen, welaýatda 2015-2020-nji ýyllarda 8,3 müňe golaý iş ornunyň döredilmegine garaşylýar.

## Lebap welaýaty

Welaýatyň zähmet gorlary ýurdumyzyň umumy zähmet gorlarynyň 20 göteriminden gowragyny emele getirýär. Welaýatyň ilatynyň iň köp bölegi oba hojalygynda, elektrik energiýasyny, gazy we suwy öndürmek we paýlamak boýunça degişli kärhanalarda zähmet çekýärler.

Hormatly Prezidentimiziň tutumly başlangyçlarynyň netijesinde, welaýatyň senagat pudagyny diwersifikasiýalaşdyrmak işi giň gerimler bilen alnyp barylýar. Welaýatyň çägindäki umumy uzynlygy 7 müň kilometre barabar bolan Transaziýa gaz geçirijisi otuz ýylyň dowamynda her ýylda 40 milliard kub metre golaý türkmen tebigy gazynyň Hytaý Halk Respublikasyna iberilmegini üpjün etmäge niýetlenendir.

Häzirki wagtda Lebap welaýatynda täze dag magdan pudagynyň düýbi tutulýar. Belarus Respublikasynyň «Belgorhimprom» açyk paýdarlar jemgyýeti

tarapyndan Köýtendag etrabynyň Garlyk kaliý duzlarynyň ýatagynda kaliý dökünlerini öndürýän dag magdan toplumynyň gurluşyk işleri dowam etdirilýär. Bu ägirt uly senagat toplumynyň gurluşygy iki tapgyrda amala aşyrylyp, bu toplum ýylda 1,4 million tonna kaliý dökünini öndürer we onda 900-e golaý adam zähmet çeker.

Häzirki wagtda halkara ähmiýetli «Türkmenbaşy-Aşgabat-Mary-Türkmenabat-Farap» awtomobil ýolunda giň gerimli ýol-gurluşyk işleri ýokary depginler bilen alnyp barylýar. Bu ýol hem Türkmenistanyň çäklerinden üstaşyr ýük daşalyşyny artdyrmaga, welaýaty senagat taýdan ösdürmäge giň mümkinçilikleri döreder.

Bulardan başga-da, oba hojalygy Lebap welaýatynda ösen pudaklaryň biri bolup, sebitiň toprak-howa şertleri we suwaryş suwy bilen üpjünçiligi oba hojalyk önümleriniň köp sanly görnüşlerini öndürmäge mümkinçilik berýär. Welaýatyň esasy suw çeşmesi Amyderýadyr. Bugdaý, pagta we şaly öndürmek, gök, ekerançylyk, bakjaçylyk, et, süýt ugurly maldarçylyk, guşçulyk we ýüpekçilik sebitde oba hojalygyny ösdürmegiň esasy ugurlary bolup durýar.

Welaýatyň çäginden geçýän Mary döwlet elektrik bekedinden güýjenmesi 500 kW bolan «Mary-Atamyrat-Andhoý» asma elektrik geçiriji ulgamy gurlar, Köýtendag etrabynda Kaliý dökünlerini öndürýän dag magdan toplumy, Magdan däl gurluşyk materiallaryny öndürýän zawod, Kaliý sulfatyny öndürýän zawod, Malay gaz käninde gaz gysyjy desga, Türkmenabat şäheriniň Himiýa zawodynda kükürt turşusyny öndürýän önümçilik desgasy, Garagum derýasynyň baş böleginde Garaşsyzlygynyň 15 ýyllygy adyndaky täze suw howdany we birnäçe önümçilik we durmuş maksatly desgalar gurlup, ulanmaga berler.

Welaýat boýunça 2015-2020-nji ýyllarda 20,5 müňden gowrak iş ornunyň döredilmegine garaşylýar.

## Mary welaýaty

Welaýatyň zähmet gorlary ýurdumyzyň umumy zähmet gorlarynyň iň uly bölegini, ýagny 22,5 göterimden gowragyny emele getirýär. Welaýatyň ilatynyň iň köp bölegi oba hojalygynda, gaýtadan işleýän senagatda hem-de gurluşykda zähmet çekýär. Welaýatyň ösen senagat pudaklarynyň hataryna gaz senagaty, ýeňil senagat we azyk senagaty degişlidir.

Welaýat ýurdumyzda ösen ýangyç-energetika toplumy bolan sebit hökmünde tanalýar we gaz ýataklaryny özleşdirmek boýunça düýpli işleriň alnyp barylmagy welaýatyň bu ugurda geljekde öňdebaryjy orunlarda boljakdygyna şaýatlyk edýär.

2010-njy ýylda Mary şäherinde ýylda 640 müň tonna karbamid we 400 müň tonna ammiak öndürjek zawodyň gurluşygyna başlanyldy we bu zawod 2014-nji ýylda gurlup, ulanmaga berildi. Bu zawodyň işe girizilmegi bilen, 850-ä golaý täze iş orny döräp, mineral dökünleriň öndürilişiniň birnäçe esse ýokarlanmagyna mümkinçilik berdi.

Mary welaýaty Türkmenistanyň gowaça ösdürip ýetişdirmek boýunça iň iri sebitidir. Şunuň bilen baglylykda, welaýatda Garaşsyzlyk ýyllarynda 10-a golaý iri we orta ululykdaky dokma toplumlary, fabrikler we kärhanalar işe girizildi. Olar çig mal binýadyna gönüden-göni golaýda ýerleşmek bilen, pagta süýümini gaýtadan işlemekden başlap, taýýar önümi çykarmaga çenli önümçiligiň yzygiderliligini doly üpjün edýär. Mary welaýatynda maldarçylyk pudagy hem ösen pudaklaryň hataryna degişlidir.

Geljekde welaýatda «Galkynyş» gaz känini özleşdirmek işleri dowam etdiriler. «Gündogar-Günbatar» gaz geçirijisininiň welaýatyň çäginden geçýän bölegi gurlar, Tohumlyk pagtany gaýtadan işleýän pagta arassalaýjy kärhana, Çörek önümlerini öndürýän zawodlar, eti we süýdi gaýtadan işleýän kärhanalar, awtomobil ýollary, elektrik toguny geçirijiler we beýleki senagat üpjünçilik ulgamynyň kärhanalary gurlup, ulanmaga berler. Durmuş maksatly desgalar, şol sanda ýaşaýyş jaýlary gurlar, täze ýaşaýyş toplumlary özleşdiriler.

Netijede, welaýat boýunça 2015-2020-nji ýyllarda 19,4 müňe golaý iş ornunyň döredilmegine garaşylýar.

## Aşgabat şäheri

Häzirki wagtda ýurdumyzyň zähmet gorlarynyň 17 göterime golaýy Aşgabat şäherine degişlidir. Aşgabat şäheriniň ykdysady iş bilen meşgullanýan ilatynyň 36 göterimi döwlet kärhanalaryna, galan bölegi döwlete dahylsyz bölege degişlidir. Aşgabat şäherinde iri gurluşyklaryň giň gerim bilen alnyp barylýandygy we işçi güýjüne islegiň ýokary bolmagy bilen baglanyşykly, ýurdumyzyň beýleki welaýatlaryndan işçi güýjüniň paýtagtymyza çekilmek ýagdaýy dowam edýär.

Aşgabat şäheri işçi güýjüniň seçimleýin gözegçiliginiň maglumatlaryna laýyklykda, iş gözleýänleriň sany boýunça sebitleriň arasynda iň pes ýa-da iň gowy görkezijä eýedir, ýagny iş gözleýänleriň sany ykdysady taýdan işjeň ilatyň 2 göteriminden hem azdyr.

Paýtagtymyzy ösdürmek boýunça alnyp barylýan giň gerimli işler diňe bir onuň ilatynyň iş bilen üpjünçilik meselesini çözmän, eýsem Türkmenistany ösdürmegiň, onuň dünýä hojalygyna işjeň goşulyşmagynyň, halkara abraýyny

ýokarlandyrmagyň we dünýä bazarynda tutýan ornuny pugtalandyrmagyň strategiki wezipelerini çözmegiň möhüm binýadyny emele getirýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 20 ýyllyk şanly baýramyna örän ýokary derejede taýýarlyk görülýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 30-njy martynda çykaran 14180-nji karary bilen bu şanly sene mynasybetli Aşgabat şäheriniň etraplarynda ýerine ýetirilmeli işleriň meýilnamasy tassyklandy. Şeýle hem 2015-nji ýylyň 20-nji fewralynda çykaran 14128-nji kararyna laýyklykda Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlaryna taýýarlyk görmegiň çäklerinde Aşgabat şäheriniň etraplarynda 2016-njy ýylda ýerine ýetirilmeli işleriň Meýilnamasy tassyklandy.

Tassyklanan meýilnamalara laýyklykda 2015-2016-njy ýyllarda ýaşaýyş-durmuş, üpjünçilik, ulag-aragatnaşyk, inženerçilik we jemagat, aragatnaşyk we energetika ulgamlaryny ösdürmek boýunça desgalaryň we binalaryň birnäçe toplumlary gurlup, ulanmaga berler, öňki bar bolanlarynyň birnäçesiniň durky täzelener.

Bulardan başga-da, 2015-2020-nji ýyllarda Aşgabat şäherinde önümçilik we medeni-durmuş maksatly desgalaryň ýüzlerçesi gurlar. Paýtagtymyzyň Halkara howa menziliniň täze desgalar toplumy, täze Metbugat öýi toplumy, täze Olimpiýa şäherjiginiň nobatdaky tapgyrlary, söwda-dynç alyş merkezleri, «Arçabil» seýilgähi, durmuş we hyzmat ediş desgalary, şol sanda bilim we ylym ojaklary, täze ýokary okuw mekdepleri, şol sanda Jemagat hojalygy pudagynyň işgärlerini taýýarlaýan ýokary okuw mekdebi, Ylymlar akademiýasynyň garamagynda innowasion ugurlar boýunça bilim berjek inžener-tehnologik uniwersiteti, Halkara türkmen-türk uniwersitetiniň hem-de Aman Kekilow adyndaky mugallymçylyk mekdebiniň täze binalary, saglyk merkezleri, ýaşaýyş jaýlar toplumlary gurlup, ulanmaga berler.

Göz öňünde tutulýan desgalaryň we binalaryň işe girizilmegi bilen, paýtagtymyzda 14,2 müňden gowrak iş ornunyň döremegine garaşylýar.

## Iş üpjünçilik ulgamyny kämilleşdirmegiň esasy ugurlary

Maksatnama laýyklykda iş üpjünçilik çygryndaky kanunçylyk namalaryny bu ugurda esasy ygtyýarly we abraýly gurama bolan Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen edarasy bolan Halkara Zähmet guramasynyň ölçeglerini we kadalaryny, şeýle hem ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösüşini we halkymyzyň milli aýratynlyklaryny hasaba almak bilen kämilleşdirmek boýunça işler dowam etdiriler. «Ilaty iş bilen üpjün etmek hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunynyň

kadalaryna täzeden seredilер we ondan gelip çykýan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň toplumy döwrüň talaplaryna laýyklykda täzeden işlener.

Zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi edaralarynda iş gözleýänleri hasaba almagyň we olary işe ýerleşdirmek boýunça hyzmatlary ýerine ýetirmegiň tertibi kämilleşdiriler. Şeýle hem iş berijilerde bar bolan boş iş orunlary we işgärlere bolan zerurlyklary barada maglumatlaryň taýýarlanyşynyň, zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi edaralaryna berlişiniň tertibi kämilleşdiriler. Mundan başga-da, zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi edaralarynda aragatnaşyk-kommunikasiýa hyzmatlaryny peýdalanmagyň derejesi ýokarlandyrylar, iş gözleýänleriň, şeýle hem boş iş orunlarynyň maglumatlar binýady emele getiriler.

Durmuş goraglylygyna aýratyn mätäçlik çekýän we zähmet bazarynda deň şertlerde bäsleşige ukypsyz raýatlary işe ýerleşdirmek üçin iş berijilere paýy bellemegiň tertibi işlenip düzüler, şeýle hem olary paýa laýyklykda işe ýerleşdirmek ýola goýlar.

Türkmenistan Maýyplaryň hukuklary baradaky konwensiya goşuldy we ondan gelip çykýan wezipeleri iş ýüzünde amala aşyrmak boýunça yzygiderli iş alyp barýar. Şu Konwensiýanyň esasy kadalarynyň hatarynda maýyplygy bolan adamlaryň zähmet we iş üpjünçilik çygryndaky hukuklarynyň durmuşa geçirilmegi boýunça çäreler uly orun tutýar. Şoňa görä-de, Maksatnamanyň durmuşa geçirilýän döwründe maýyplygy bolan adamlaryň görekezilen hukuklarynyň doly durmuşa geçirilmegini üpjün etmek üçin çäreler işlenip taýýarlanar.

Iş berijilerde bar bolan boş iş orunlary we işgärlere bolan zerurlyklary baradaky maglumatlary iş gözleýän adamlaryň dykgatyna öz wagtynda we doly ýetirmek boýunça işler dowam etdiriler. Iş berijilerde bar bolan boş iş orunlary we işgärlere bolan zerurlyklar baradaky maglumatlar yzygiderli neşir önümlerinde çap ediler we şeýle maglumatlaryň internet sahypalarynda elýeterli bolmagy üpjün ediler. Bar bolan boş iş orunlarynyň ilata hödürleniş çärelerini guramagyň tertibi hakynda düzgünnama taýýarlanyp, şeýle çäreleriň ähmiýeti artdyrylar.

Ýurdumyzyň zähmet bazarynyň ýagdaýyny öwrenmekde Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk saklanar. Bu Komitet bilen bilelikde zähmet bazary we iş üpjünçilik bilen bagly hasabatlaryň nusgalaryna täzeden seredilер. Şunuň bilen birlikde, Ministrligiň işgärleriniň hünär başarnyklaryny ýokarlandyrmak maksady bilen, okuwlar, okuw maslahatlaryny geçirmek ýola goýlar. Şol sanda, ulgamyň hünärmenlerini daşary ýurtlarda okatmak boýunça işler alnyp barlar, Halkara Zähmet guramasy, beýleki halkara guramalary we gaznalary tarapyndan guralýan okuwlara, okuw maslahatlaryna gatnaşmaklary üpjün ediler.

Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen bilelikde bilim ulgamy, ýagny hünärmenleri taýýarlamagyň ulgamy bilen zähmet bazaryny netijeli baglanyşdyrmak boýunça işler dowam etdiriler. Şunda ýurdumyzyň ýokary, orta we başlangyç hünär okuw mekdeplerinde hünärleri, hünärleriň ugurlaryny hem-de olar boýunça taýýarlanjak hünärmenleriň sanyny kesgitlemegiň usuly, şeýle hem ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň pudaklary üçin daşary ýurtlarda taýýarlanmagy zerur hasaplanylýan hünärmenleriň ugurlaryny (hünärlerini) kesgitlemegiň usullary kämilleşdiriler.

Milli zähmet bazaryny goramak, milli hünärmenleriň bäşleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmak üçin mümkinçilikleri giňeltmek maksady bilen, Türkmenistana daşary ýurtly raýatlaryň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň işlemäge çagyrylyşynyň tertibi kämilleşdiriler. Şunuň bilen birlikde, iş üpjünçilik çygrynda halkara guramalary we beýleki ýurtlar bilen hyzmatdaşlyk giňeldiler we Halkara Zähmet guramasynyň konwensiýalaryna goşulmak boýunça işler dowam etdiriler.

### Maksatnamany maliýeleşdirmegin çeşmeleri

Maksatnamada göz öňünde tutulan çäreleriň esasy bölegi Türkmenistanda kabul edilen milli, döwlet we pudaklaýyn maksatnamalaryň durmuşa geçirilmeginiň netijesi bilen baglanyşykly bolup durýandygy sebäpli, olarda kesgitlenen maliýe serişdeleri şu Maksatnamany durmuşa geçirmegiň serişdeleri bolup çykyş eder. Mundan başga-da, Maksatnamany durmuşa geçirmäge Döwlet býujetiniň serişdeleri, pudaklaryň öz serişdeleri, hususy taraplaryň serişdeleri, şeýle hem karz edaralarynyň karz serişdeleri we Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki maliýe çeşmeleri çekiler.

### Maksatnamany durmuşa geçirmekden garaşylýan netijeler

Maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi ilatyň iş üpjünçiligi çygryndaky kanunçylyk binýadynyň kämilleşdirilmegine we halkara ölçeglerine laýyk getirilmegine, iş gözleýänleri, şol sanda döwletiň goldamagyna mätäç adamlary iş bilen üpjün etmek meselelerini çözmegiň oňaýly usullarynyň işlenip düzülmegine, zähmet bazaryndaky işçi güýjüne bolan islegiň we teklibiň laýyk gelmezliginiň peselmegine, şular bilen baglylykda bolsa, ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň ýokarlanmagyna ýardam eder.

### Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň pudaklary we toplumlary boýunça 2015-2020-nji ýyllarda gurlup, ulanmaga berilmeli iri önümçilik we durmuş

**maksatly binalar hem-de desgalar boýunça döredilmegine garaşylýan iş orunlarynyň deslapky sany barada**

**MAGLUMAT**

| **T/b** | **Sebitler** | **Jemi 2015-2020ý.ý.** | | **şol sanda ýyl** | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | **Jemi 2015ý.** | | **Jemi 2016ý.** |
| | | **Desgalaryň sany** | **Döredilјek iş orunlarynyň sany** | **Desgalaryň sany** | **Döredilјek iş orunlarynyň sany** | **Desgalaryň sany** |
| A | B | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | Türkmenistan | 2602 | 108677 | 374 | 15693 | 808 |
| | şol sanda: | | | | | |
| 1 | Nebitgaz toplumy | 82 | 15593 | 40 | 1170 | 25 |
| 2 | Senagat toplumy | 54 | 10324 | 5 | 204 | 10 |
| 3 | Oba hojalyk toplumy | 93 | 11182 | 16 | 2864 | 6 |
| 4 | Gurluşyk weenergetika toplumy | 113 | 3810 | 19 | 1140 | 78 |
| 5 | Ulag we aragatnaşyk toplumy | 147 | 4071 | 10 | 366 | 27 |
| 6 | Söwda we sarp ediş toplumy | 874 | 29411 | 62 | 3341 | 326 |
| 7 | Durmuş wemedeniýet toplumy | 409 | 20144 | 18 | 1981 | 13 |
| 8 | Häkimlikler | 830 | 14142 | 204 | 4627 | 323 |

**Welaýatlar hem-de Aşgabat şäheri boýunça 2015-2020-nji ýyllarda gurlup, ulanmaga berilmeli iri önümçilik we durmuş maksatly binalar hem-de**

**desgalar boýunça döredilmegine garaşylýan iş orunlarynyň deslapky sany barada**

**MAGLUMAT**

| T/b | Sebitler | Jemi 2015-2020ý.ý. | | şol sanda ýyllar boýunça | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Jemi 2015ý. | | Jemi 2016ý. | | Jemi 2017-2020ý. | |
| | | Desgalaryň sany | Döredil jek iş orunlarynyň sany | Desgalaryň sany | Döredil jek iş orunlarynyň sany | Desgalaryň sany | Döredil jek iş orunlarynyň sany | Desgalaryň sany | Döredil jek iş orunlarynyň sany |
| A | B | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
| | Türkmenistan | 2602 | 108677 | 374 | 15693 | 808 | 15671 | 1420 | 77313 |
| | şol sanda: | | | | | | | | |
| 1 | Aşgabat | 877 | 14207 | 113 | 3732 | 673 | 5699 | 91 | 4776 |
| 2 | Ahal | 302 | 22067 | 64 | 5648 | 23 | 4653 | 215 | 11766 |
| 3 | Balkan | 478 | 24273 | 84 | 3058 | 32 | 1490 | 362 | 19725 |
| 4 | Daşoguz | 164 | 8272 | 25 | 663 | 6 | 342 | 133 | 7267 |
| 5 | Lebap | 399 | 20503 | 40 | 1250 | 26 | 1048 | 333 | 18205 |
| 6 | Mary | 382 | 19355 | 48 | 1342 | 48 | 2439 | 286 | 15574 |

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2015-nji ýylyň 01-nji mayynda
çykaran 14226-njy karary bilen
tassyklandy

**Türkmenistanda iş üpjünçilik ulgamyny kämilleşdirmegiň hem-de täze iş orunlaryny döretmegiň 2015-2020-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň**

**MEÝILNAMASY**

| T/b | Çäreleriň atlary | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 1. | Iş bilen üpjün etmegiň | 2015-2020-nji ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | kanunçylyk binýadyny halkara ölçeglerine we kadalaryna laýyklykda kämilleşdirmek boýunça işleri dowam etdirmek | | ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Mejlisi, beýleki degişli ministrlikler we pudak edaralary |
| 2. | Iş gözleýänleri zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi edaralarynda hasaba almagyň we olary işe ýerleşdirmek boýunça hyzmatlary ýerine ýetirmegiň tertibini kämilleşdirmek | 2015-2016-njy ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi |
| 3. | Iş berijilerde bar bolan boş iş orunlary we işgärlere bolan zerurlyklary barada maglumatlaryň taýýarlanyşyny, zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi edaralaryna berlişiniň tertibini kämilleşdirmek | 2015-2016-njy ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, beýleki degişli ministrlikler we pudak edaralary |
| 4. | Iş gözleýänler hem-de iş berijilerde bar bolan boş iş orunlary we işgärlere bolan zerurlyklary barada maglumatlaryň binýadyny kämilleşdirmek | 2015-2020-nji ýyllar ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, beýleki degişli ministrlikler we pudak edaralary |
| 5. | Durmuş goraglylygyna aýratyn mätäçlik çekýän we zähmet bazarynda deň şertlerde bäsleşige ukypsyz raýatlary işe ýerleşdirmek üçin iş berijilere paýy bellemegiň tertibini işläp düzmek we olary paýa laýyklykda işe ýerleşdirmek | 2015-2016-njy ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri, Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkezi, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi, beýleki jemgyýetçilik guramalary |
| 6. | Maýyplygy bolan adamlaryň | 2015-2016-njy ýyllar | Türkmenistanyň Mejlisi, |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | zähmet we iş üpjünçilik çygryndaky hukuklarynyň doly durmuşa geçirilmegini üpjün etmek üçin çäreleri işläp düzmek | | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Adalat ministrligi,Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli instituty, Türkmenistanyň Körler we kerler jemgyýeti, beýleki degişli ministrlikler we pudak edaralary, jemgyýetçilik guramalary |
| 7. | Ýaşlaryň işe ýerleşmek mümkinçiliklerini artdyrmak, yaşlaryň ykdysady işjeňligini ýokarlandyrmak boýunça çäreleri işläp düzmek | 2015-2016-njy ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşi, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri |
| 8. | Iş berijilerde bar bolan boş iş orunlary we işgärlere bolan zerurlyklary barada maglumatlary yzygiderli neşir önümlerinde çap etmek | 2015-2020-nji ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň merkezi we ýerli neşirleri |
| 9. | Bar bolan boş iş orunlarynyň ilata hödürleniş çärelerini guramagyň tertibini taýýarlamak | 2015-2016-njy ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri |
| 10. | Bar bolan boş iş orunlarynyň maglumatynyň internet sahypalarynda elýeterli bolmagyny üpjün etmek | 2015-2020-nji ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 11. | Işçi güýjüniň sebitleýin hereketini (mobilligini), zähmet migrasiýasyny düzgünleşdirmek boýunça çäreleri işläp düzmek | 2015-2016-njy ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri |
| 12. | Türkmenistanyň zähmet bazarynyň ýagdaýyny owrenmek maksady bilen, Halkara Zähmet guramasynyň usulyýetine laýyklykda işçi güýjüniň seçimleýin gözegçiligini yzygiderli geçirmek, netijeleri boýunça seljerme ýazgysyny taýýarlap, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine we dahylly ministrliklere, pudak edaralaryna we seljerme-çaklama işleri bilen meşgullanýan guramalara bermek | 2015-2020-nji ýyllar | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi |
| 13. | Ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen, täze önümçilikleri, işiň görnüşlerini we iş orunlaryny döretmek boýunça teklipleri taýýarlamak | 2015-2020-nji ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi, beýleki degişli ministrlikler, pudak edaralary, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi we beýleki jemgyýetçilik guramalary, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri |
| 14. | Täze döredilen we döredilmegi meýilleşdirilýän | 2015-2016-njy ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | iş orunlary barada maglumatlary özünde jemleýän hasabat görnüşini işläp düzmek we girizmek | | ministrligi, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti |
| 15. | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň ulgamynyň işgärleriniň hünär başarnyklaryny ýokarlandyrmak maksady bilen okuwlary, okuw maslahatlaryny geçirmek | 2015-2020-nji ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi |
| 16. | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň ulgamynyň hünärmenlerini daşary ýurtlarda okatmak, olaryň Halkara Zähmet guramasy, beýleki halkara guramalary we gaznalary tarapyndan guralýan okuwlara, okuw maslahatlary-na gantaşmaklaryny üpjün etmek | 2015-2020-nji ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi |
| 17. | Iş gözleýänleriň zähmet bazaryndaky bäsleşik ukybyny ýokarlandyrmak maksady bilen, olaryň işçi hünärleri boýunça hünär taýýarlygy, gaýtadan taýýarlygy we hünär derejesini ýokarlandyrmak okuwlaryny geçmegini guramak | 2015-2020-nji ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, beýleki degişli ministrlikler we pudak edaralary, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri, degişli hünär bilimi edaralary |
| 18. | Ýurdumyzyň ýokary, orta we başlangyç hünär okuw mekdeplerinde taýýarlanjak hünärleri, hünärleriň | 2016-2020-nji ýyllar | Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | ugurlaryny hem-de olar boýunça hünärmenleriň sanyny kesgitlemegiň usulyny kämilleşdirmek | | Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, beýleki degişli ministrlikler we pudak edaralary |
| 19. | Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň pudaklary üçin daşary ýurtlarda taýýarlanmagy zerur hasaplanylýan hünärmenleriň ugurlaryny (hünärlerini) kesgitlemegiň tertibini taýýarlamak | 2015-2016-njy ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, beýleki degişli ministrlikler we pudak edaralary |
| 20. | Daşary ýurtlaryň ýokary we orta hünär mekdeplerini tamamlan ýaşlarymyzy alan ugurlary (hünärleri) boýunça işe ýerleşdirmek boýunça çäreleri işläp düzmek | 2015-2016-njy ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, beýleki degişli ministrlikler we pudak edaralary |
| 21. | Milli zähmet bazaryny goramak, milli hünärmenleriň bäşleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmak üçin mümkinçilikleri giňeltmek maksady bilen, Türkmenistana daşary ýurt raýatlarynyň işlemäge çagyrylyşynyň tertibini kämilleşdirmek | 2015-2016-njy ýyllar | Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, beýleki degişli ministrlikler we pudak edaralary |
| 22. | Ýaşaýan ýerine garamazdan, aýratyn hünärli raýatlary zerurlyga görä Aşgabat şäherine we beýleki welaýatlara işe çekmegi | 2016-2020-nji ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri, beýleki degişli ministrlikler we |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | düzgünleşdirmek | | pudak edaralary |
| 23. | Sebitlerde uzak aralykda ýerleşýän we barmasy kyn bolan ilatly ýerlere ýaşlarymyzyň zähmet çekmäge bolan isleglerini artdyrmak üçin howeslendirme (ýaşaýyş jaýy, iş ýeri) çärelerini işläp düzmek | 2016-2020-nji ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri, beýleki degişli ministrlikler we pudak edaralary |
| 24. | Iş üpjünçilik çygrynda halkara guramalary we beýleki ýurtlar bilen hyzmatdaşlyk etmek | 2015-2020-nji ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, beýleki degişli ministrlikler we pudak edaralary |
| 25. | Halkara Zähmet guramasynyň konwensiýalaryna goşulmak boýunça işleri dowam etmek | 2015-2020-nji ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, beýleki degişli ministrlikler we pudak edaralary |